# Amos pygamberiň kitaby

## Giriş

Amos pgyamber Hudaýdan ylham alan pygamberleriň biridir. Mukaddes ýazgylarda şeýle ylhamlaryň jikme-jik beýanaty ilkinji gezek hut şu kitapda duş gelýär.

Amos pygamber asly boýunça Ýahuda şäherinden bolsa-da, ol Ysraýyl patyşalygynyň demirgazyk çäklerinde ýaşaýan adamlar barada pygamberlik edipdir. Onuň bu pygamberlikleri takmynan biziň eýýamymyzdan öň VIII asyrynda aýdypdyr. Şol döwürde ýurduň abadançylygy pajarlap ösüpdir, halk Hudaýa sežde edip, parahat ýaşapdyr. Emma Amos bu abadançylygyň we bolelingiň diňe baýlar üçindigini görýär. Ol ýurtda adalatsyzlygyň artýandygyny we garyp-pukaralaryň ezilýändigini görýär. Hudaýa edilýän seždeler pak ýürekden edilmändir, parahatlyk bolsa göze görünýän salgym ýaly bolupdyr. Şonuň üçin-de, Amos Hudaýyň ýurdy jezalandyrjakdygy barada batyrgaýlyk bilen pygamberlik edýär. Ol adalatlylygy «derýa kimin joşdurmaga» (5:24) çagyrýar. Amos pygamber: «Belki şonda Reb Hökmürowan Hudaý Ýusubyň aman galanlaryna merhemet eder» (5.15) — diýip umyt edýär.

### Mazmuny

Ysraýylyň töweregindäki ýurtlaryň höküm edilmegi 1:1—2:5
Ysraýylyň höküm edilmegi 2:6—6:14
Bäş görnüş 7:1—9:15

## 1-nji bap

1 Tekowaly çopanlaryň biri bolan Amosyň sözleri.
Ysraýyl hakyndaky bu sözler Amosa ýertitremeden iki ýyl
öň görnüş arkaly aýan bolupdy. Şol günlerde Ýahudada
Uzyýa patyşa, Ysraýylda Ýowaşyň ogly Ýarobgam patyşa
höküm sürýärdi.
2 Amos şeýle diýdi:
«Reb Siondan nagra çekýär,
Iýerusalimden sesini eşitdirýär.
Çopanlaryň öri meýdanlary solýar,
Karmel dagynyň başy guraýar».

### Ysraýylyň töweregindäki ýurtlar höküm edilýär

3 Reb şeýle diýýär:
«Men damasklylary günä üstüne günä
edendikleri üçin jezasyz galdyrmaryn.
Çünki demir dişli döweklerde
gilgat halkyny ýençdiler olar.
4 Muňa görä Hazaýylyň köşgüne ot ýagdyraryn,
ot Benhadadyň[1] galalaryny ýakyp kül eder.
5 Damaskyň derwezesiniň kiltlerini döwerin,
Awen[2] jülgesiniň hökümdaryny,
Beýtedende[3] eli şa hasaly hökümdary ýok ederin.
Siriýa halky Kir ýurduna ýesir edip äkidiler».
Muny Reb aýdýandyr.

6 Reb şeýle diýýär:
«Men gazalylary günä üstüne günä
edendikleri üçin jezasyz galdyrmaryn.
Olar tutuş jemagaty edomlylaryň
eline bermek üçin ýesir edip äkitdiler.
7 Muňa görä Gaza diwaryna ot ýagdyraryn,
ot onuň galalaryny ýakyp kül eder.
8 Ýok ederin Aşdodyň ilatyny,
Aşkelonda eli şa hasaly hökümdary.
Golumy Ekronyň garşysyna öwrerin,
heläk ederin piliştleriň aman galanyny».
Muny Hökmürowan Reb aýdýandyr.

9 Reb şeýle diýýär:
«Men surlulary günä üstüne günä
edendikleri üçin jezasyz galdyrmaryn.
Çünki olar doganlyk ähtini unudyp,
tutuş jemagaty Edoma gul edip satdylar.
10 Muňa görä Sur diwaryna ot ýagdyraryn,
ot onuň galalaryny ýakyp kül eder».

11 Reb şeýle diýýär:
«Men edomlylary günä üstüne günä
edendikleri üçin jezasyz galdyrmaryn.
Çünki doganlaryny gylyçly kowalap,
rehim-şepagat etmediler,
çäksiz gaharyny dökdüler,
gazap atyna baky atlandylar.
12 Şu sebäpden Teýmana ot ýagdyraryn,
ot Bosranyň galalaryny ýakyp kül eder».

13 Reb şeýle diýýär:
«Men ammonlary günä üstüne günä
edendikleri üçin jezasyz galdyrmaryn.
Çünki olar öz çäklerini giňeltmek üçin
Gilgadyň göwreli aýallarynyň garnyny ýardylar.
14 Söweş günündäki galmagaldan ýaňa,
harasat günündäki tüweleý içinde
Rabanyň diwaryna ot salaryn,
ot galalaryny ýakyp kül eder.
15 Emeldarlary bilen birlikde
ammon şasy sürgün ediler».
Muny Reb aýdýandyr.

---

[1] **1:4** ***Hazaýyl... Benhadad*** — seret: 2Pat 13:22-25.
[2] **1:5** ***Awen*** — bu söz *pislik ýeri* diýmegi aňladýar.
[3] **1:5** ***Beýteden*** — bu söz *lezzet öýi* diýmegi aňladýar.